# TÜRKİÝE STIPENDIÝASY

TÜRKİYE SCHOLARSHIPS BURSLARI

/ turkiyeburslari

TÜRKİYE SCHOLARSHIPS BURSLARI

# 01

## TÜRKİÝE STIPENDIÝASY


**Sanlar bilen Türkiýe Stipendiýasy** 06

**Stipendiýa mümkinçilikleri** 08

**Stipendiýa Maksatnamalary** 09

- Assosiasiýa Dereje Stipendiýassy Programmalary
- Bakalawr Stipendiýa Programmalary
- Magistratura we Doktorantura Stipendiýa Programmalary
- Gysga wagtly Programmlary


# 02

## DALAŞGÄRLER


**Ýüz tutmalar** 12

**Gerekli Resminamalar** 13

**Ýüz tutma şertleri** 14

**Saýlanyş etaby** 15

**Söhbetdeşlik Seljeriş Ölçekleri** 15



# MAZMUNY

## 03
## HÄZIRKI TALYPLAR


| | |
|---|---|
| Täze Talyp Gollanmasy | 16 |
| Türk Dili kursy | 17 |
| Stipendiýa Amallary | 17 |
| Medeni we Akademiki Ösüş | 18 |
| Halkara Talyplar Akademiýasy | 18 |
| Halkara Talyplarynyň Tejribe Mümkinçilikleri | 18 |
| Halkara Talyplar Ylymlar Gurultaýy | 19 |
| Halkara Talyp Baýraklary | 19 |


## 04
## UÇURYMLAR


| | |
|---|---|
| Halkara Talyplaryň Uçurym Dabarasy | 20 |
| Uçurym ulgamy | 21 |
| Uçurym Bileleşikleri | 21 |


## 05
## ÝÜZ TUTMA SENENAMASY

Türkiýe Stipendiýasy dünýäniň dürli künjeklerinde göreldeli talyp we ylmy iş gözlegçilere Türkiýäniň iň gowy uniwersitetlerinde doly ýa-da gysga möhletli programmalardan peýdalanmak üçin berilýän we hökümet tarapyndan goldanýan bäsdeşikli stipendiýa programmasydyr.



# UMUMY **MAGLUMATLAR**

Türkiye Bursları Stipendiýasy, ýokary bilimiň ähli derejelerinde başarjaň daşary ýurtly talyplar üçin stipendiýa bermek däl şol bir wagtyň özünde, bu talyplaryň uniwersitet üçin taýýarlygy we şeýle hem ýerleşdiriş amallaryny hem öz içine alýar.



# SANLAR BILEN TÜRKIÝE STIPENDIÝASY

Häzirki wagtda 15 müňden gowyrak Talyba stipendiýa berilýär.



Her ýyl 5 müň töweregi täze stipendiýa mümkinçiligi berilýär.

Stipendiýa bilen üpjün edilýän mümkinçilikler:

- **ÜNIWERSITET WE BÖLÜMINE ÝERLEŞDIRILME**
- **AÝLYK GOŞMAÇA PUL**
- **OKUW TÖLEGI**
- **TÜRK DILI KURSY**

# UMUMY **MAGLUMATLAR**



Dünýä boýunça 150 müň töweregi stipendiýadan peýdalanan uçurymlar bar.

Türkiye Bursları Stipendiýasyna her ýyl dünýäniň dürli künjeklerinden 125 müň töweregi ýüz tutma amala aşyrylýar.

100-e golaý ýurtda Türkiye Bursları Stipendiýasy söhbetdeşligi amala aşyrylýar.

**SAGLYK ÄTİÝAÇLANDY-RYLMASY**

**ÝAŞAÝYŞ JAÝY ÜPJÜNÇILIGI**

**BİR GEZEKLİK UÇAR PETEGİ**

**MEDENİ-AKADEMİKİ PROGRAMMALAR**

# STIPENDIÝA MÜMKINÇILIGI

## Uniwersitete we Bölümine ýerleşdiriliş

## Aýlyk goşmaça pul

Bakalawr we Hünärment derejesi:
Aýlyk **4.500**

Magistratura derejesi:
Aýlyk **6.500**

Doktorantura derejesi:
Aýlyk **9.000**

Ylmy iş gözlegçi stipendiýasy:
Aýlyk **25.000***

## Okuw Tölegi yada Üniwersitet tölegini tölemek

## Türkçe Dil Kursy (1 ýyl)

## Saglyk Ätiýaçlandyrylmasy

## Ýaşaýyş jaýy mümkinçiligi

## Bir gezeklik gidiş-geliş uçar petegi

Uniwersitet biliminden başga-da, talyplaryň medeni we hünär taýdan ösmegi hem goldanýar:

- MEDENİ ÇÄRELER
- TEJRIBE MÜMKINÇILIGI
- UNİWERSİTETLER WE JEMGYÝETÇİLİK GURAMALARY (STK) BİLEN HYZMATDAŞLYKDA GEÇİRİLÝÄN SEMİNARLAR

* Ylmy gözleg stipendiýasy dine aýlyk goşmaça puldan ybaratdyr.

# STIPENDIÝA PROGRAMMALARY

Türkiýe Stipendeýasy; Okuwyň ileri tutulýan ugurlaryna baglylykda okuwyň, sebitiň we ýurduň her derejesi üçin döredilen birnäçe programma hödürleýär. Dalaşgärler Türkiýe Burlary Maglumat Ulgamy (TBBS) arkalyuniwersitetler we akademik programmalar üçin ýolgörkezijä girip bilerler.

## Assosiasiýa Dereje Stipendiýassy Programmalary

Iki ýyllyk assosiasiýa programmalary talyplara hünär bilimini we başarnyklaryny berip, olaryň geljekki karýerasy üçin ýol görkezýär. Bar bolan bölümleri we uniwersitetleri görmek üçin internet sahypamyza girip bilersiňiz.

## Bakalawr Stipendiýa Programmasy

Bakalawr Stipendiýa Programmasy, bakalawr dalaşgäri üçin ýörüte döredilen programmalaryň biridir. Dürli dersler we kurslar, inženerçilikden saglyk ylymlaryna, gumanitar ylymlardan jemgyýetçilik ylymlaryna çenli gyzyklanýan adamlar bu programma yüz tutup bilerler, Bar bolan bölümleri we uniwersitetleri görmek üçin internet sahypamyza girip bilersiniz.

## Magistratura we Doktorantura Stipendiýa Programmasy

Türkiýäniň abraýly uniwesitetlerinde; Jemgyýetçilik ylymlary, gumanitar ylymlar, tebigy ylymlar we inženerçilik ugurlary boýunça magistr  we doktorantura derejelerinde dürli programmalar hödürleniýär. Bar bolan bölümleri we uniwersitetleri görmek üçin internet sahypamyza girip bilersiniz.



## Ýokarlandyrylan Stipendiýasy Programmalary

Akademiki başarjaňlary ýokary bolan Türkiýe stipendiýalaryny alan talyplara, Ýokarlandyrylan Talyp Haklary (Stipendiýasy) çäginde her aýlyk stipendiyalar, bilim alýan derejeleri üçin kesgitlenen aýlyk stipendýanyň 2 esse köpeldilen mukdary bilen tölenýär. Ýokary hilli Stipendiýasy hem dalaşgärler, hem-de häzirki wagtda Türkiýe stipendiýasyndan peýdalanýan talyplar üçin niýetlenendir. Programmanyň şertlerini görmek üçin internet sahypamyza girip bilersiňiz.

# GYSGA WAGTLY PROGRAMMALAR

## Göreldeli Stipendiýa Programmasy

Göreldeli Stipendiýa Programmasy, häzirki wagtda öz mümkinçilikleri bilen türk uniwersitetlerinde okaýan we ajaýyp akademiki üstünlik görkezen talyplar üçin ýörite döredilen programmadyr. Göreldeli Stipendiýa Programmasy diňe aýlyk talyp haklaryny (goşmaça pul) öz içine alýar.

## Ylmy Gözleg Stipendiýa Programmasy

Ylmy Gözleg Stipendiýa Progammasy; halkara ylmy gözlegçileriň we akademikleriň, Türkiýe döwletiniň iň abraýly uniwersitetlerinde Türk akademikler bilen bilelikde öz ugurlary boýunça ylmy iş hyzmatdaşlygy maksady bilen döredilen stipendiýa programmasydyr. Bu stipendiýa programmasyna doktorantura derejesinde okaýan ýa-da doktorantura derejesinde dissertasiýa etabynda bolan dalaşgärler tabşyryp bilerler.



## UNUTMAŇ

**Käbir bölümler we programmalar üçin goşmaça ölçegler ulanylyp bilner. Bu goşmaça ölçegler we şertler barada jikme-jik maglumat almak üçin degişli bölümleriň internet sahypalaryna we onlaýn ýüz tutma sahypasyna göz aýlaň.**

# DALAŞGÄRLER

## Ýüz Tutma

Türkiye Bursları Stipendiýasy üçin ýüz tutmalaryňyzy onlaýn ýagdaýda mugt edip bilersiňiz. Dalaşgärler aşakdaky baglanyşyklardan peýdalanyp ýüz tutup bilerler:

**www.turkiyeburslari.gov.tr**

ýa-da

**www.turkiyescholarships.gov.tr**

- **Türkiýe Stipendiýasy üçin ýüz tutma wagtlary Türkiýe Stipendiýasynyň resmi internet sahypasynda yglan edilýär.**
- **Ýüz Tutmalar; Türk, Arap, Iňlis, Pars, Fransuz, Rus, Bosniýa we Ispan dillerinde edilip biliner.**

# GEREKLİ RESMİNAMALAR

Onlaýn yüz tutmalar üçin ähli dalaşgärler aşakda görkezilen resminamalary yüklemelidir.

- Wagty dolmadyk şahsyýet resminamasy/kart ýa-da wagty dolmadyk pasport
- Dalaşgäriň suraty (düşülenine 6 aý geçmedik bolmaly)
- Bar bolan halatynda Milli synaglaryň netijeleri
- Diplom ýa-da wagtlaýyn gutardyş şahadatnamasy ( Ýokary okuwyny tamamlaýan soňky ýylyndaky dalaşgärlerden talap edilmeýär)
- Akademiki baha ýazgylary – Transkripsiýa
- Halkara synag netijeleri (Saýlanan programma tarapyndan talap edilen ýagdaýynda GRE, GMAT we ş.m.)
- Dil synaglarynyň netijeleri (saýlanan programma tarapyndan talap edilen ýagdaýynda)
- Gözleg mowzugy teklibi we işiňiziň ýazmaça mysaly (diňe doktorantura programmalary üçin)



# ÝÜZ TUTMA ŞERTLERI

- Iň pes akademiki başarjaňlyk derejesi:
  - Bakalawr programmalaryna ýüz tutýan dalaşgärler üçin: 70%
  - Saglyk ylymlary (Medisina, stomatologiýa we farmatologiýa) dalaşgärler üçin: 90%
  - Magistr we doktorlyk programmalaryna ýüz tutýan dalaşgärler üçin: 75%
- Iň pes ýaş çäkleri:
  - Orta Hünär Derejesi programmalary üçin 21 ýaşdan kiçi bolmaly
  - Bakalawr programmalary üçin 21 ýaşdan kiçi bolmaly
  - Magistratura programmalary üçin 30 ýaşdan kiçi bolmaly
  - Doktorantura programmalary üçin 35 ýaşdan kiçi bolmalyt
  - Ylmy Gözleg programmalary üçin 50 ýaşdan kiçi bolmak

## UNUTMAŇ

- **Häzirki wagtda Türkiýede okaýan talyplar häzirki okaýan derejelerine yüz tutup bilmezler.**
- **Gysga möhletli talyp haklaryna ýüz tutmalary üçin goşmaça şertler talap edilip bilner.**
- **Ýüz tutma wagtynyň dowamynda gerekli şertleri barlamagy unutmaň.**
- **Saglyk Ylymlary ugrunda hünär öwrenmek boýunça mümkinçilikler Türkiýe Stipendiýalary tarapyndan hödürlenmeýär.**

# SAÝLAW ETABY

Türkiye stipendiýasy üçin ýüz tutmalar; dalaşgäriň akademiki üstünliklerine, okuwdan daşary çärelere we beýleki hünär başarnyklaryna esaslanýar.

## 1 GÖZDEN GEÇIRIŞ

Ähli ýüz tutmalar; iň pes akademiki derejesi, ýaş çäkleri we zerur resminamalar ýaly esasy ölçeglere esaslanýar.

## 2 SELJERIŞ

Dalaşgärleriň ýüz tutmalary; akademiki ýagdaýy, öňki synaglary, akademiki gyzyklanmalary, kär maksatlary, isleglerininiň yzygiderliligi, niýet hatynyň mazmuny we düşnükliligi şeýle-de jemgyýetçilik çärelerine gatnaşmak ýaly birnäçe ölçegler esasynda Hünärmenler Komiteti tarapyndan gözden geçirilýär. Bu tapgyrdan soň, söhbetdeşlik üçin hünärli dalaşgärleriň soňky sanawy düzülýär.

## 3 SÖHBETDEŞLİK

100-den gowrak döwletden saýlanan we soňky sanawdaky dalaşgärler akademiklerden we hünärmenlerden ybarat söhbetdeşlik komitetleri tarapyndan bahalandyrylýar.

### Söhbetdeşlikler Nähili Geçirilýär?

Ökde dalaşgärler öz ýurtlarynda geçiriljek söhbetdeşliklere çagyrylýar. Käbir ýagdaýlarda, dalaşgärler bilen onlaýn ýa-da telefon arkaly söhbetdeşlik geçirilýär. Söhbetdeşlik komiteti, adatça, azyndan bir Türkiye stipendiýasynyň wekili we türk uniwersitetleriniň bir akademiki işgärlerinden ybaratdyr. Adatça 15-30 minut dowam edýän söhbetdeşlik aşakdaky formatda geçirilýär:

- Garşy alma we giriň
- Resminamalaryň barlagy
- Dalaşgäriň ýüz tutma maksadyny öwrenmek
- Akademiki bilimi we kär maksatlary
- Dalaşgär tarapyndan komitete sorag bermek

## 4 SAÝLAMAK ETABY

Söhbetdeşlik komitetleri tarapyndan dalaşgär hökmünde kesgitlenen dalaşgärleriň söhbetdeşlik netijeleri saýlama komiteti tarapyndan bahalandyrylýar we stipendiýa aljak dalaşgärleriň sanawy düzülýär.

## 5 KABUL ETABY

Söhbetdeşlikde üstünlik gazanan we stipendiýa almaga mynasyp dalaşgärlere Türkiýe Stipendiýa Maglumat Ulgamy (TBBS) we elektron (e-poçta) üsti bilen kabul ediş haty iberilýär we stipendiýany kabul ediş etaby barada habar berilýär. Dalaşgärler Türkiýä gelmezden ozal Stipendiýa borçnamasyny tamamlamalydyr.

# Täze Talyp Ýolgörkezijisi

Umumy maglumatlary we Türkiýe Stipendiýasy talyplarynyň Türkiýä gelmezinden öň we gelenlerinden soň ýerine ýetirmeli amallary öz içine alýan täze talyp ýolgörkezijisi üçin **www.turkiyeburslari.gov.tr** girip bilersiňiz.

## Türk Diline Taýýarlyk Okuwy

Türkiye stipendiýalarynyň çäginde biziň ýurdumyzda ýokary bilim almaga we türk dilini bilmeýän talyplara 1 ýyl mugt türk taýýarlyk okuwy berilýär.

Türk dilinde taýýarlyk okuwy diňe bir türk dilinde bilim berýän bölümler we maksatnamalar üçin däl, eýsem iňlis we beýleki daşary ýurt dillerinde bilim berilýän we türk dilini bilmeýän bölümlere we programmalara ýerleşdirilen talyplar üçin hem hökmanydyr. Türk diline taýýarlyk okuwy, talyplaryň uniwersitet bilimini aljak welaýatlarynda ýerleşýän türk okuw merkezlerinde (TÖMER) berilýär. 8 aý dowam edip, iýun aýynda gutarýan türk diline taýýarlyk okuwyndan soň, talyplaryň C1 derejesinde türk dili şahadatnamasyny almagyna garaşylýar.

## Amallary Stipendiýa

Türkiýe stipendiýasy talyplary üçin stipendiýa amallary, Yurtdışı Türkler ve Akraba Topluluklar Başkanlığı (YTB) tarapyndan amala aşyrylýar. Bu görkezmeleriň esasynda talyplara;

- aýlyk stipendiýa tölegleri
- bank amallary
- Saglyk ätiýaçlandyryş amallary
- rugsat amallary
- akademiki gözegçilik amallary geçirilýär.

## Medeni we Akademiki Ösüş

Köp çäreler we taslamalar daşary ýurtly talyplaryň jemgyýetçilik, medeni we akademiki ösüşine goşant goşmak maksady bilen Türkiye Bursları stipendiýalarynyň çäginde amala aşyrylýar.

## Halkara Talyplar Akademiýasy

Halkara Talyp Akademiýasy arkaly, esasan Türkiýe Stipendiýasynyň talyplary bolmak bilen, ýurdumyzda ýokary bilim alýan halkara talyplaryň uniwersitet biliminden daşgary akademiki, jemgyýetçilik we medeni taýdan ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksat edinilýär. Bu çäkde dürli jemgyýetçilik guramalary we ylmy barlag merkezleri bilen utgaşykly ýagdaýda 17 şäherde dürli ugurlar boýunça seminarlar, hünär derejesi programmalary hem-de medeniýet we sungat ussatlyk sapaklary guralýar.

## Halkara Talyplaryň Tejribe Mümkinçilikleri

– Halkara Talyplaryň Tejribe Mümkinçilikleri, Türkiýe Stipendiýasynyň çäklerinde bilim alýan halkara talyplaryň iş tejribesini gazanmagyna goşant goşmak maksady bilen, dürli şäherlerde tomus paslynda geçirilýär. 2021-nji ýyldan bäri dowam edip gelýän bu programma, Türkiýe Stipendiýasynyň talyplarynyň bilim döwründe gysga möhletli iş tejribesini gazanmagyny maksat edinýär we olaryň döwlet edaralarynda we hususy pudaklarynda tejribe geçmegine mümkinçilik berilýär.

## Halkara Talyplar Ylymlary Gurultaýy

Türkiýe Stipendiýasynyň çäklerinde ýurdumyzda magistratura we doktorantura derejesinde bilim alýan halkara talyplaryň akademiki mümkinçiliklerini ösdürmek we gatnaşýanlara ylmy işlerini ilerletmekde goldaw bermek maksady bilen “Halkara Talyp Ylymlary Gurultaýy” maksatnamasy geçirilýär. Bu gurultaýyň çäginde, Jemgyýet we Adamzat Ylymlary, Tebigy we Inženerçilik Ylymlary, Saglyk Ylymlary hem-de Gurultaýyň ýörite mowzugyna degişli ugurlarda ylmy makalalar kabul edilýär.

## Halkara Talyp Baýraklary

Başkanlygymyz tarapyndan Türkiýede ýokary bilim alýan halkara talyplaryň bar bolan zehinlerini, bilimlerini we tejribelerini paýlaşmagy hem-de bu ugurda döreden gymmatly eserlerini we pikirlerini goldamak maksady bilen her ýyl Halkara Talyp Baýraklary guralýar. Medeniýet-sungat, edebiýat, media we taslama ýaly dürli ugurlarda geçirilýän bu bäsleşikde üstünlik gazanan halkara talyplara hormat we goldaw bildirilip, olaryň ösüşlerine ýardam edilýär.

# UÇURUMLAR

## Halkara Talyplaryň Uçurym Dabarasy

Halkara Talyplaryň Uçurym Dabarasy, 2012-nji ýylda Türkiye Bursları Stipendiýasy döredileninden bäri her ýyl geçirilýär. Bu çäre; Türkiýedäki ýokary bilimini tamamlan we Türkiýe Uçurymlary maşgalasyna goşulan talyplary bir ýerde jemleýän çäreleriň biridir.



## Uçurymlar Ulgamy

Türkiye Bursları stipendiýasy maşgalasy uçurymlarymyz bilen dowamly gatnaşyklary ýola goýmagyň möhümdigine düşünýäris we dürli çäreler arkaly Türkiye uçurymlary bilen ykdysady, syýasy, medeni we akademiki gatnaşyklarymyzy saklamagy maksat edinýäris. Türkiýe stipendiýasy 184 döwletde 150 müňe golaý agzasy bolan uçurymlar jemgyýetine eýedir. Uçurym agzalar bilen gatnaşyklarymyzy berkitmek maksady bilen 50-den gowrak döwletde 100-e golaý uçurymlar duşuşygy gurnaldy. Bu babatda, Uçurymlar Birleşigini döretmek baradaky taslamalar we uçurymlarymyz üçin beýleki guramaçylyk çäreleri bütin dünýäde goldanýar.

## Uçurymlar Bileleşigi

Türkiýe Uçurymlary bilen durnukly gatnaşyk gurmak üçin köp ýurtda uçurymlar tarapyndan meýletin Uçurymlar Birleşikleri döredildi. Şeýlelik bilen, Türkiye Uçurymlaryna hem Türkiye bilen hem-de öz aralarynda resmileşdirilen aragatnaşyk gurmaga mümkinçilik berýär. Dünýäniň köp ýurtlarynda Uçurymlar Birleşiginiň üsti bilen bu programmany gutaran talyplar akademiki we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny saklaýarlar we öz ýurtlaryndaky beýleki ýaşlara Türkiýe tarapyndan hödürlenýän bilim mümkinçilikleri barada habar berýärler.

TÜRKİYE MEZUNLARI

Türiýe Uçurumlary hakynda has köp maglumat üçin:
**www.turkiyemezunlari.gov.tr**

# ÝÜZ TUTMA SENENAMASY

| ASSOSIASIÝA, BAKALAWR, MAGISTRATURA, DOKTORANTURA STIPENDIÝALARY | |
|---|---|
| **Amallar** | **Senesi** |
| Ýüz Tutma Etaby | 10 Ýanwar – 20 Fewral |
| Seljerme Etaby | Mart – Aprel - Maý |
| Söhbetdeşlik etaby | Iyun – Iyul |
| Netijeleriň yglan edilmegi | Awgust |
| Stipendiýa Borçnamasy we Wiza ýüz tutma etaby | Awgust |
| Talyplaryň Türkiýä gelmegi we Akademiki ýylyň başlangyjy* | Sentýabr |

*Saýlanan dalaşgärler, arzalaryň netijeleriniň tomus aýlarynda belli boljakdygyny we Türkiýä syýahat etmezden ozal okuwy gutarandyklaryny tassyklaýan resminamalary we diplomlary almak üçin öz ýurtlarynda zerur taýýarlyk görmelidigini göz öňünde tutmalydyr.

| YLMY GÖZLEG STIPENDIÝASY | |
|---|---|
| **Amallar** | **Senesi** |
| 1-nji döwür Ýüz tutma | 1-nji Ýanwar- 31-nji Mart |
| 1-nji döwür netijeleriniň yglan edilmesi | Aprel |
| 2-nji döwür Ýüz turma | 1-nji Aprel- 30-njy Iyun |
| 2-nji Döwür netijeleriniň yglan edilmesi | Iyul |
| 3-nji döwür Ýüz turma | 1-nji Iyul- 30-njy Sentýabr |
| 3-nji Döwür netijeleriniň yglan edilmesi | Oktýabr |
| 4-nji döwür Ýüz turma | 1-nji Oktýabr- 31-nji Ýanwar |
| 4-nji Döwür netijeleriniň yglan edilmesi | Ýanwar |

| BAŞARI BURSLARI | |
|---|---|
| **Amallar** | **Senesi** |
| Ýüz Tutma etaby | Oktýabr- Noýabr |
| Bahalandyrma Döwri | Noýabr- Dekabr |
| Netijeleriň yglan edilmesi | Dekabr |

Stipendiýa programmalary we bu programmalara nädip ýüz tutumalydygy barada has giňişleýin maglumat almak üçin aşakdaky salgylara girip bilersiňiz:

**www.turkiyeburslari.gov.tr**
**www.turkiyescholarships.gov.tr**

Telefon merkezimiziň üsti bilen habarlaşyp bilersiňiz:
**0850 455 0982**

Soraglaryňyz üçin:
**info@turkiyeburslari.gov.tr**

# TÜRKİÝE STIPENDIÝASY

www.turkiyescholarships.gov.tr